22.07.2022 / 11.084



## Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türk-türkmen toparynyň
## Iş meýilnamasy

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| **Söwda-ykdysady we maýa goýum hyzmatdaşlygy** | | | | | |
| 1. | Iki tarapyň özara haryt dolanyşygynda mümkinçiligi bolan eksport harytlarynyň sanawyny alyşmak hem-de bu harytlar babatda söwda amallaryny ýönekeýleşdirmek | Iki ýurduň özara haryt dolanyşygyny artdyrmak maksady bilen, taraplaryň eksporta gönükdirilen harytlarynyň sanawyny alyşmaly hem-de bu harytlar babatda söwda amallaryny ýönekeýleşdirmegiň mümkinçiliklerini öwrenmek üçin iş toparyny döretmeli.<br>Iş toparynyň birinji ýygnagyny 2022-nji ýylda geçirip, onuň netijesi boýunça hasabat taýýarlamaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Söwda ministrligi, Türkiýe Eksportçylar Mejlisi (TİM) | Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi |
| 2. | Sergileri guramak | Türkmenistanda Türkiýäniň eksport harytlarynyň sergisini guramak hem-de ýurtlarymyzda geçiriljek söwda sergileri bilen tanyşdyrmak we gatnaşygy ýola goýmak üçin Taraplar gerek bolan goldawy bermeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Söwda ministrligi, Türkiýäniň Eksportçylar Mejlisi (TİM) | Söwda-senagat edarasy, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi |



5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 3. | Nebitgaz toplumy boýunça işewürler maslahatyny geçirmek | Türkmenistanyň eksport harytlarynyň esasy görnüşleri bolan nebitgaz toplumynyň öndürýän önümleri bilen giňişleýin tanyşdyrmak, satyş ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, şeýle hem Türkmenistanyň nebitgaz toplumynyň maýa goýum mümkinçiliklerini tanyşdyrmak maksady bilen, 2022-nji ýylyň 2-nji ýarymynda Stambul şäherinde işewürler maslahatyny geçirmeli. | 2022-nji ýyl | Daşary ykdysady aragatnaşyk-lar guramasy (DEIK) | Söwda-senagat edarasy, “Türkmengaz” döwlet konserni, Türkmenbaşy-daky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy |
| 4. | Türkiýe Respublikasynda Türkmenistany tanyşdyryş çärelerini geçirmek | Türkmen-türk işewürler geňeşiniň guramagynda 2022-nji ýylyň ikinji ýarymynda Türkiýe Respublikasynyň sebitlerinde Türkmenistany tanyşdyryş çärelerini guramaly. | 2022-nji ýyl | Daşary ykdysady aragatnaşyklar guramasy (DEIK) | Söwda-senagat edarasy |
| 5. | Pudaklaýyn wekiliýetleri özara alyşmak | Oba hojalyk, gurluşyk, saglygy goraýyş we suw serişdelerinden peýdalanmak hem-de beýleki ugurlar boýunça pudaklaýyn wekiliýetleriň özara iş saparlaryny guramaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Daşary ykdysady aragatnaşyklar guramasy (DEIK) | Söwda-senagat edarasy |
| 6. | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi bilen Türkiýäniň Daşary ykdysady aragatnaşyklar guramasynyň arasynda 2015-nji ýylyň 3-nji martynda gol çekilen Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşygyň çäklerinde alnyp barylýan işleri işjeňleşdirmek | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi bilen Türkiýäniň Daşary ykdysady aragatnaşyklar guramasynyň (DEIK) arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy üçin, ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Daşary ykdysady aragatnaşyklar guramasy (DEIK) | Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:562476341202207201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 7. | Türkiýe-Türkmenistan bilelikdäki Söwda-senagat edarasyny (Forum) döretmek | Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen Türkiýäniň Palatalar we biržalar birleşiginiň Türkiýe-Türkmenistan bilelikdäki Söwda-senagat edarasyny (Forum) döretmek meselesine seretmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Palatalar we biržalar birleşigi (TOBB) | Söwda-senagat edarasy |
| 8. | Türkiýäniň Palatalar we biržalar birleşigi bilen Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň arasynda duşuşyklary geçirmek | Türkiýäniň Palatalar we biržalar birleşigi (TOBB) bilen Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň (TSSE) hem-de türkmen işewürleriniň arasynda duşuşyklary geçirmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Palatalar we biržalar birleşigi (TOBB) | Söwda-senagat edarasy |
| 9. | Gümrük babatda özara hyzmatdaşlyk etmek boýunça bilelikdäki topary döretmek | Iki ýurdyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek hem-de gümrük amallaryny ýeňilleşdirmek maksady bilen, bilelikdäki toparyň döredilmegini we ýeňilleşdirilen gümrük düzgünleri boýunça alnyp barylýan hyzmatdaşlygy tizleşdirmeli. | 2022-nji ýyl | Söwda ministrligi | Döwlet gümrük gullugy |
| 10. | Türkmenistanyň Yslam döwletleriniň standartlar we metrologiýa institutyna (SMIIC) agza bolmagy babatdaky meseläni öwrenmek | Yslam hyzmatdaşlyk guramasyna (YHG) agza ýurtlaryň arasynda söwdany ýeňilleşdirmek maksady bilen, uýgunlaşdyrylan standartlaryň döredilmegini, metrologiýa we barlaghana synaglary meselelerinde umumylygyň üpjün edilmegini we akkreditasiýa shemalarynyň döredilmegini göz önünde tutýan Yslam döwletleriniň Standartlar we metrologiýa institutyna (SMIIC) Türkmenistanyň synçy agzalygy baradaky amallary goldamaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Söwda ministrligi | "Türkmen-standartlary" Baş döwlet gullugy |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 11. | Maýa goýumlary özara höweslendirmek we goramak hakyndaky (YKTK) Ylalaşygy rejelemek | Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda 1992-nji ýylda gol çekilen Maýa goýumlary özara höweslendirmek we goramak hakyndaky (YKTK) Ylalaşygy rejelemek babatda alnyp barylýan gepleşiklerde ylalaşyga gelinmeýän meseleleri ýokary derejedäki duşuşyklaryň netijesinde çözmeli. | 2022-nji ýyl | Senagat we tehnologiýa ministrligi | Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Adalat ministr-ligi, Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky |
| **Tehniki düzgünleşdiriş, standartlaşdyrmak we halal akkreditasiýa meselelerinde hyzmatdaşlyk** | | | | | |
| 12. | Tehniki düzgünleşdiriş, standartlaşdyrmak, sertifi-katlaşdyrmak, laýyklyk derejesi, akkreditirlemek we metrologiýa meseleleri boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ylalaşyga gol çekilmegi | Tehniki düzgünleşdiriş, standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, laýyklyk derejesi, akkreditirlemek we metrologiýa meseleleri boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ylalaşyga degişli gepleşikleri tamamlamaly. | 2022-nji ýyl | Söwda ministrligi | “Türkmen-standartlary” Baş döwlet gullugy |
| 13. | Halal akkreditasiýa pudagynda hyzmatdaşlygy alyp barmak | “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugynyň, Halal Akkreditasiýa guramasynyň (HAK) we Türk Standartlar Institutynyň arasynda halal akkreditasiýa we standartlaşdyrmak pudaklarynda hyzmatdaşlygy ösdürmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Halal akkreditasiýa guramasy (HAK), Türk standartlar instituty (TSE) | “Türkmen-standartlary” Baş döwlet gullugy |
| **Bank we salgyt ulgamynda hyzmatdaşlyk** | | | | | |
| 14. | Oba hojalyk (Ziraat) bankynyň paýdary bolan Türkmen-Türk bankyny ýer bölegi ýa-da bina bilen üpjün etmek meselesine seretmek | Bankyň zerurlyklaryny kanagatlandyrýan taýýar binany satyn almak meselesini türkmen tarapy öwrenmeli. | 2022-nji ýyl | Hazyna we maliýe Ministrligi, Oba Hojalyk (Ziraat) banky | Aşgabat şäher häkimligi, Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Merkezi banky |



5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 15. | Bank pudagynda hyzmatdaşlygy we aragatnaşygy pugtalandyrmak | Türkmenistanyň Merkezi banky bilen Türkiýe Respublikasynyň Bank ulgamyny düzgünleşdiriş we barlag guramasynyň (BDDK) hem-de Türkiýäniň gatnaşyjy banklar birliginiň (TBB) arasynda tejribe alyşmak babatda hyzmatdaşlyga degişli işlere badalga bermeli. | 2022-nji ýyl | Bank ulgamyny düzgünleşdiriş we barlag guramasy (BDDK), Türkiýäniň gatnaşyjy banklar birligi (TBB) | Merkezi banky |
| 16. | Salgyt babatda hyzmatdaşlyk etmek boýunça işleri alyp barmak | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen Türkiýe Respublikasynyň Girdejiler edarasynyň müdirliginiň arasynda salgyt babatda tejribe alyşmak maksady bilen özara saparlary guramaly. | 2022-nji ýyl | Hazyna we maliýe Ministrliginiň Girdejiler edarasynyň müdirligi | Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |
| 17. | "Aşgabat gazna biržasy" ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen Türkiýe Respublikasynyň "Borsa Istanbul" biržasynyň arasynda Gazna birža işi boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek. | “Aşgabat gazna biržasy” ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen Türkiýe Respublikasynyň “Borsa Istanbul” biržasynyň arasynda elektron gazna birža, bazar işlerini birikdirmek we bilelikde ösdürmek, Gazna birža işini kämilleşdirmek, halkara tejribesini öwrenmek we ornaşdyrmak maksady bilen işjeň hyzmatdaşlygy ýola goýmaly, ýolbaşçylar hem-de hünärmenler derejesinde iş saparlaryny guramaly we döwrebap bazar infrastrukturasyny döretmek boýunça netijeli işleri geçirmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Hazyna we maliýe Ministrligi | Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| | **Ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk** | | | | |
| 18. | Trans-Hazar gündogar-günbatar "Orta koridor" we BTK ugry bilen, iki döwleti baglaşdyrýan beýleki ugurlarda demirýol gatnawlaryny we hyzmatdaşlygy ösdürmek | Iki döwlediň demir ýollary edaralarynyň arasynda "Wagonlary ulanmak baradaky" Ylalaşyga gol çekişmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Ulag we infrastruktura ministrligi, Döwlet Demirýollary ýapyk görnüşli kärhanasy | "Türkmendemirýollary" agentligi |
| 19. | Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda awtomobil ulaglary boýunça bilelikdäki toparyň (KUKK) mejlisini geçirmek | Iki ýurduň arasynda awtomobil ulaglary boýunça bilelikdäki toparyň (KUKK) mejlisini Türkiýe Respublikasynda geçirmeli. | 2022-nji ýyl | Ulag we infrastruktura ministrligi | "Türkmenawtoulaglary" agentligi |
| 20. | Poçta pudagynda hyzmatdaşlyk etmek | "Türkmenistanyň ulag logistika merkezi" açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen "Türkiýe Respublikasynyň Poçta we telegraf edarasy" paýdarlar jemgyýetiniň arasyndaky poçta we ýük gatnawlary babatynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçiliklerini öwrenmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Ulag we infrastruktura ministrligi, "Türkiýe Respublikasynyň Poçta we telegraf edarasy" paýdarlar jemgyýeti | "Türkmenistanyň ulag logistika merkezi" açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, "Türkmenhowaýollary" agentligi |
| 21. | Howa gatnawlary we logistika ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek | Iki ýurduň awiasiýa pudagyna degişli dolandyryş edaralarynyň arasynda "Howa gatnawlary baradaky" Ylalaşygyň täzelenmegi we howa gatnawlary pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça gepleşikleri geçirmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Ulag we infrastruktura ministrligi | Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky ulag we kommunikasiýa agentligi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:562476341202272017700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| | **Nebit, gaz we energetika ulgamynda hyzmatdaşlyk** | | | | |
| 22. | Iki ýurduň arasynda tebigy gaz we nebit pudaklarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek | 2013-nji ýylyň 30-njy maýynda Aşgabat şäherinde gol çekilen "Türkmenistandan Türkiýe Respublikasyna tebigy gazy ibermek boýunca hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Çarçuwaly Ylalaşygy" göz önünde tutup, Türkmenistanyň tebigy gazyny Türkiýe Respublikasynyň üsti bilen Ýewropa döwletlerine ibermek maksady bilen, Hazar deňzinden geçirijileri ileri tutmak bilen, dürli alternatiw taslamalary ara alyp maslahatlaşmak üçin duşuşyklary geçirmeli. | 2022-nji ýyl | Energetika we tebigy serişdeler ministrligi | "Türkmengaz" döwlet konserni |
| 23. | Ýangyç we energetika pudagynda hyzmatdaşlyk etmek | Türkmen tarapy, türk kompaniýalaryny Türkmenistanyň nebitgaz toplumy tarapyndan yglan edilýän halkara bäsleşiklere işjeň gatnaşmaga çagyrýar.<br>Taraplar türk kompaniýalarynyň maýa goýujy hökmünde Türkmenistanyň nebitgaz toplumy bilen hyzmatdaşlyk etmegine degişli taslamalary goldamaly.<br>Taraplar, elektrik energiýasy pudagynda iki yurduň arasynda tehniki hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda meýillerini beýan etdiler. | 2022-nji ýyl | Energetika we tebigy serişdeler ministrligi | Energetika ministrligi, Nebitgaz toplumy |



5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| | **Şähergurluşyk pudagynda hyzmatdaşlyk** | | | | |
| 24. | Şähergurluşyk we binagärlik meseleleri boýunça saparlary guramak we hyzmatdaşlyga degişli teswirnamalary taýýarlamak | Şähergurluşyk we binagärlik boýunça düzgünleşdiriji resminamalar babatda tejribe alyşmaly.<br>Bu ugurda, RFID belgisi bolan semendi barlamakda ulanylýan EBİS (Elektroniki Betony yzarlaýyş) ulgamyny tanatmak maksady bilen, 2022-2023-nji ýyllaryň dowamynda Türkiýe we Türkmenistanda özara okuw meýilnamalaryny, duşuşyklary, ylmy we tehniki saparlary guramaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Daşky gurşaw, urbanizasiýa we howanyň üýtgemegi boýunça ministrligi | Gurluşyk we binagärlik ministligi, Aşgabat şäher häkimligi |
| 25. | Türkmenistanda täze ýaşaýyş toplumlaryny döretmek boýunça işlerde hyzmatdaşlyk etmek we tejribe alyşmak | Türkmenistanda täze ýaşaýyş ýerlerini kesgitlemek we meýilleşdirmek işleri babatda iki ýurduň arasynda hyzmatdaşlyk etmeli we tejribe alyşmaly. Şu maksat bilen iki ýurtda duşuşyklary we ýerinde baryp görmek çärelerini guramaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Daşky gurşaw, urbanizasiýa we howanyň üýtgemegi boýunça ministrligi | Aşgabat şäher häkimligi, Gurluşyk we binagärlik ministrligi |
| 26. | “Akylly şäher” babatda maglumat we tejribe alyşmak | Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasynda özara hyzmatdaşlygyň çäklerinde türkmen wekiliýeti Türkiýe Respublikasyna çagyrylar we onuň çäklerinde akylly şäher barada maglumat beriş mejlisini geçirmeli.<br>Türkiýäniň Milli akylly şäherler Strategiýasyny we iş meýilnamasyny Türkmen tarapy bilen paýlaşmaly.<br>Türkiýeden bir häkimligiň akylly şäher babatda durmuşa geçirenlerini ýerinde baryp görmek üçin, türkmen wekiliýetiniň şol häkimlige tehniki saparyny guramaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Daşky gurşaw, urbanizasiýa we howanyň üýtgemegi boýunça ministrligi | Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Aşgabat şäher häkimligi |



5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 27. | Binalarda, ýaşaýyş jaý toplumlarynda energiýanyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça hyzmatdaşlyk etmek we tejribe alyşmak. | Binalarda energiýadan peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak bilen binalara, ýaşaýyş jaý toplumlaryna ýaşyl sertifikat we EKB (bina energiýa synplandyrma sertifikatynyň) berilmegi babatynda maglumat we tejribe alyşmaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Daşky gurşaw, urbanizasiýa we howanyň üýtgemegi boýunça ministrligi | Gurluşyk we binagärlik ministligi |
| 28. | Daşky gurşawy goramak ugrunda özara tejribe alyşmak boýunça iki ýurduň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak | Iki ýurtda daşky gurşawy dolandyrmagyň düzgünleri barada degişli döwlet we hususy pudagyň wekillerine ýerinde baryp görmek üçin saparlary, okuw-maslahatlaryny guramaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Daşky gurşaw, urbanizasiýa we howanyň üýtgemegi boýunça ministrligi | Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi |
| **Oba hojalyk pudagynda we daşky gurşawy goramak babatda hyzmatdaşlyk** | | | | | |
| 29. | Oba hojalyk önümlerini öndürmek we topraga baha bermek boýunça öňdebaryjy usullar we innowasion tehnologiýalar babatda tejribe alyşmak | Oba hojalyk önümlerini öndürmekde döwrebap suwaryş tehnolgiýasyny we oba hojalyk enjamlaryny ulanmak, sertifikatly tohum, topragyň hilini ýokarlandyrmak, biotehnologiýa we oba hojalyk önümçiligi amallarynyň her tapgyryny ösdürmek hem-de hasaba almak, geografiki maglumat ulgamlaryny ulanmak babatynda hyzmatdaşlyk etmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 30. | Ösümlikleri goramak babatda hyzmatdaşlygy dowam etdirmegiň çäklerinde iki ýurduň arasynda "Ösümlikleri goramak we ösümlikleriň karantiny babatda hyzmat-daşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyga" gol çekilmegi | Ikitaraplaýyn ylalaşylan Türkiýe Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda ösümlikleri goramak we ösümlikleriň karantiny babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyga" gol çekmeli. | 2022-nji ýyl | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi |
| 31. | Weterinar barlaglary, weterinar hyzmatlary we mallaryň kesellerini barlaghalarda anyklanmak bilen bagly usullary kämilleşdirmek babatda tejribe alyşmak | Oba hojalyk mallarynyň, şeýle hem atlaryň kesellerini kesgitlemek we bejermek boýunça degişli barlaghana işlerinde tejribe alyşmaly. Onuň çäklerinde geçiriljek okuwa gatnaşjak türkmen hünärmenleriniň sanyny we türk hünärmenleriniň Türkmenistana boljak tanyşlyk saparlarynyň senelerini kesgitlemeli. | 2022-2023-nji ýylllar | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi, "Türkmen Atlary" döwlet birleşigi |
| 32. | Suw hojalygy babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek | Suw serişdelerini dolandyrmakda we peýdalanmakda, hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen şu ugurlarda özara tejribe alyşmaly:<br>- emeli ýagyş ýagdyrma we damjalaýyn suwaryş usullaryny ornaşdyrmakda;<br>- suw serişdelerini sanly ulgam arkaly dolandyrmakda;<br>- sil we joşgun suwlarynyň zyýanly täsirlerini azaltmak hem-de olaryň öňüni almaga gönükdirilen çäreleri geçirmekde.<br>Suw hojalyk desgalarynyň gurluşygy bilen baglanyşykly yglan edilýän halkara bäsleşiklerine | 2022-2023-nji ýylllar | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:5624763412022720170 0. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| | | iki tarapyň gurluşyk kompaniýalarynyň gatnaşmagy babatda hyzmatdaşlyk etmeli.<br>Suw serişdeleriniň meýilleşdirilmegi, ösdürilmegi, syn edilmegi we gidrologiki gözegçilik ulgamy meselelerinde tehniki goldaw berilmegi,<br>Suw hojalygy pudagynda geçirilýän halkara maslahatlaryna, ylmy-amaly maslahatlara we okuwlara işjen gatnaşnak boýunça hyzmatdaşlyk etmeli.<br>Suw hojalyk pudagynyň hünärmenleriniň bilim derejelerini artdyrmak we tejribeleri alyşmak boýunça iş saparlaryny guramaly.<br>2012-nji ýylyň 29-njy fewralynda gol çekilen «Suw hojalyk pudagynda tehniki taýdan hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşygyň» çäklerinde hyzmatdaşlygy dowam etmeli.<br>Türk tarapy bu wezipelerden gelip çykýan çäreleriň iş meýilnamasyny işläp taýýarlamak üçin 2022-2023-nji ýyllarda Ankara şäherinde duşuşyk geçirmegi teklip etdi. Türkmen tarapy bu teklibi öwrenjekdigini habar berdi. | | | |
| 33. | Balykçylyk (Akwakultura) babatda bilelikdäki taslamalary düzmek we tejribe alyşmak | Balykçylyk (akwakultura) babatynda bilelikdäki meýilnamalary düzmeli we Türkiýäniň tejribesini türkmen hünärmenleri bilen paýlaşmagy üpjün etmeli. | 2023-nji ýyl | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:50247034120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 34. | Tokaýçylyk ulgamynda tejribe alyşmak<br>Gurak ýerleri tokaýlaşdyrmak üçin nahal ösdürip ýetişdirmek | Tokaýçylyk ulgamynda bilelikde hyzmatdaşlygy alyp barmaly.<br>Türkiýe bilen Türkmenistanyň arasynda 2014-nji ýylyň 3-nji iýunynda Ankara şäherinde gol çekilen "Tokaýçylyk babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşygyň" çäklerinde Türkmenistandaky gurak we çöl ýerleri tokaýlaşdyrmak üçin nahal ösdürip ýetişdirmegiň usullaryny ulanmak bilen nahal ösdürip ýetişdirmeli we ekmeli. Şeýle-de, tokaý ýangynlary we beýleki zyýan berijilere garşy göreşmek boýunça tejribe alyşmaly. | 2023-nji ýyl | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi |
| 35. | Tohum atçylygy babatda hyzmatdaşlyk etmek | Atlary emeli tohumlandyrmak, döwlet tohumçylyk kitabyny döretmek, atlaryň DNK usulynda ene-atasyny barlamak hem-de doping barlagy meselelerinde özara tejribe alyşmaly.<br>Türkiýe Respublikasynyň Oba we tokaý hojalyk ministrligi bilen "Türkmen atlary" döwlet birleşiginiň arasynda 2021-nji ýylyň 27-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde gol çekilen Atçylyk pudagynda hyzmatdaşlyk etmek barada Özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň çäklerinde iki taraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | "Türkmen atlary" döwlet birleşigi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 36. | At çapyşyklarynyň guralmagy we geçirilmegi babatda hyzmatdaşlyk etmek | Halkara at çapyşyklaryna gatnaşmak we at çapyşyklaryny guramak babatda özara tejribe alyşmaly. Türkiýe Respublikasynda türkmen çapyksuwarlarynyň okadylmagyny guramaly. | 2023-nji ýyl | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | "Türkmen atlary" döwlet birleşigi |
| 37. | Atlaryň gelip çykyşlaryny (şahsyýetlerini) anyklamak we hasaba almak meselesinde okuw, Ruam Survey (sap keselnini barlamak) meýilleşdirilmegi | Atlaryň gelip çykyşlaryny (şahsyýetlerini) anyklamak we hasaba almak meselesinde ýurdyň zerurlyk duýýan meselelerini kesgitlemeli, Ruam Survey-i (sap keselnini barlamagy) meýilleşdirmeli. | 2023-nji ýyl | Oba we tokaý hojalyk ministrligi | "Türkmen atlary" döwlet birleşigi |
| | | **Ýer bölekleri, kadastr we karta** | | | |
| 38. | Türkmenistanyň ýer böleklerini hasaba alyş, kadastr we karta ulgamyny döwrebaplaşdyrmak babatda hyzmatdaşlyk etmek | Türkmenistanyň ýer böleklerini hasaba alyş we kadastr ulgamyny öwrenip, kadastr işlerini geçirmek boýunça bilim we tejribe alyşmak arkaly hyzmatdaşlyk etmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Daşky gurşaw, urbanizasiýa we howanyň üýtgemegi boýunça ministrligi | Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi |
| | | **Senagat, ylym-tehnologiýa we sebitleýin ösüş** | | | |
| 39. | Senagat zolaklary barada maglumat we tejribe alyşmak | Guramaçylykly senagat zolaklarynyň döredilmegi meselesinde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek maksady bilen Türkiýe Respublikasyndaky senagat zolaklary ýerinde öwreniler. Senagat zolaklaryny döretmek we dolandyrmak meselelerindäki kanunlary bilen Türkmen tarapy tanyşdyrylar. | 2022-2023-nji ýyllar | Senagat we tehnologiýa ministrligi | Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 40. | Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek babatda hyzmatdaşlyk etmek | Türkiýe Respublikasynyň Kiçi we orta ölçegli karhanalary ösdürmek we goldamak boýunça edarasynyň müdiriyeti (KOSGEB) bilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň arasynda 2014-nji ýylyň 3-nji iýunynda gol çekilen Özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň çäklerinde, kiçi we orta telekeçilik kärhanalarynyň arasynda hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi babatynda alnyp barylmaly işleriň meýilnamasyny gol çekmeklige taýýarlamaly. | 2022-nji ýyl | Kiçi we orta ölçegli karhanalary ösdürmek we goldamak boýunça edarasynyň müdiriyeti (KOSGEB) | Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi |
| 41. | Türkiýäniň Ylmy we tehnologik barlaglar guramasy (TÜBITAK) bilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň arasynda 2014-nji ýylda gol çekilen hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Teswirnamanyň çäklerinde bilelikdäki ylmy-barlag taslamalary boýunça çagyryş yglan edilmegi. | Türkiýäniň Ylmy we tehnologik barlaglar guramasy (TÜBITAK) we Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan türk we türkmen alymlarynyň arasynda amala aşyryljak ylmy-barlag taslamalarynyň goldanmagyna gönükdirilen çagyryş yglan etmek maksady bilen gepleşikler geçiriler. Agzalýan çagyryş, gepleşikler oňyn netijeli tamamlanan ýagdaýynda Türkmenistanda we Türkiýe Respublikasynda yglan ediler. | 2022-2023-nji ýyllar | Türkiýäniň Ylmy we tehnologik barlaglar guramasy (TÜBITAK) | Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy |



5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 42. | 2010-njy ýylda gol çekilen Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen Türkiýäniň Ylymlar akademiýasynyň arasyndaky Ylalaşygyň çäklerinde iki tarapyň gyzyklanma bildirýän ylmy ugurlary kesgitlenip, ylmy edaralaryň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak | Iki döwletde ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemeli we iki döwletde geçirilmegi meýilleşdirilýän ylmy çäreler barada maglumat alyşylmagy ýola goýmaly hem-de bu çärelere alymlaryň gatnaşmaklaryna ýardam bermeli.<br>Ylalaşyga laýyklykda iki tarapyň gyzyklanma bildirilýän ylmy ugurlaryny kesgitlemeli we hyzmatdaşlygy ýola goýmaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Türkiýäniň Ylymlar akademiýasy | Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy |
| 43. | Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen Türkiýäniň Ylymlar akademiýasynyň arasynda amal Ähtnamasyna we hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyga gol çekişmek | 2010-njy ýylda gol çekilen Ýokary Derejeli çarçuwaly ylalaşyk esasynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen Türkiýäniň Ylymlar akademiýasynyň arasynda amal Ähtnamasyna we hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyga gol çekişmek üçin gepleşiklere başlamaly. | 2022-nji ýyl | Türkiýäniň Ylymlar akademiýasy | Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy |
| 44. | Milli we sebitleýin ösüş maksatnamalaryny we olara degişli hereketleriň meýilnamalaryny düzmek we aýratyn hem ýerine ýetirilişi bilen gowy nusga bolanlar barada maglumat we tejribe alyşmak | Türkiýe Respublikasynyň sebitleýin ösüş babatda çemeleşmesini we tejribesini alyşmak maksady bilen, sebit ösüşi edaralarynyň, agentlikleriň we türk maýadarlaryny ugrukdyrjak maýa goýumlary goldamaga degişli edaralaryň habarlaşmak üçin maglumatlary türkmen tarapyna berler, şeýle-de Türkmen tarapynyň hem bu ugurdaky edaralarynyň maglumatlary türk tarapyna berler. | 2022-nji ýyl | Senagat we tehnologiýa ministrligi | Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:5624763412022720170O. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| | | Sanly ulgam arkaly ýa-da fiziki ýagdaýda geçiriljek okuwyň üsti bilen Türkiýe Respublikasynyň sebitleýin ösüş pudagynda we Ösüş agentlikleriniň geçiren işleriniň netijesinde gazanan maglumatlary we tejribeleri türkmen tarapyna berler.<br>Türkmen wekiliýetiniň Senagat we tehnologiýa ministrligi tarapyndan kesgitlenjek ösüş agentliklerine we sebitiň ösüş edaralaryna barylyp görülmegini, şeyle hem wideoaragatnaşyk maglumat we tejribe alyşylmagyny üpjin etmeli. | | | |
| 45. | Türksat Uýdu Haberleşme ve Kablo TW A.Ş. bilen Türkmen Hemrasy ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti – TürkmenÄlem emeli hemra operatorynyň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky teswirnama gol çekilmegi | Türksat Uýdu Haberleşme ve Kablo TW A.Ş. bilen TürkmenÄlem emeli hemra operatorynyň arasynda emeli hemra arkaly teleýaýlymy, emeli hemra aragatnaşygy, elektron hökümet taslamalaryny we emeli hemra programmalaryny işläp düzmek meselelerinde bilelikde iş alyp barmak we hyzmatdaşlygy ýokarlandyrjak Hyzmatdaşlyk Teswirnamasynyň gol çekilmegi bilen iki ýurdyň aragatnaşyk ulgamynda özara iş alyp barmak we çözgütler ilki bilen iki emeli hemra operatorlarynyň arasynda ösdüriler. | 2022-2023-nji ýyllar | Ulag we Infrastruktura ministrligi | Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi, "Türkmen-aragatnaşyk" agentligi |
| **Bilim** | | | | | |
| 46. | Bilim babatda hyzmatdaşlyk hakynda bilelikdäki hökümetara türkmen-türk geňeşiniň 4-nji mejlisini geçirmek | Taraplar Bilim babatynda hyzmatdaşlyk hakynda bilelikdäki hökümetara türkmen-türk geňeşiniň 4-nji mejlisini 2022-nji ýylyň ikinji ýarymynda geçirmek üçin degişli işleri alyp barmaly.<br>Mejlisiň senesini diplomatik ýollar arkaly kesgitlemeli. | 2022-nji ýyl | Milli bilim ministrligi | Bilim ministrligi |

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 47. | Bilelikdäki türkmen-türk umumybilim beryän orta mekdebi üçin ýer bölegini ýa-da bina bölüp bermek boýunça işleri geçirmek | Bilelikdäki türkmen-türk umumybilim beryän orta mekdebiň mümkinçiliklerini artdyrmak üçin 2022-nji ýylyň ahyryna çenli türkmen tarapy ýer bölegini ýa-da bina bölüp bermek boýunça goldaw bermeli. | 2022-nji ýyl | Milli bilim ministrligi | Bilim ministrligi |
| 48. | Bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda ylalaşyga gol çekişmek | Türkiýe Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda Bilim babatynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda gepleşikler dowam etdiriler we ylalaşyk gol çekmeklige taýýarlanar. | 2022-2023-nji ýyllar | Milli bilim ministrligi | Bilim ministrligi |
| 49. | Türkiýäniň Magaryf fondunyň we Türkmenistanyň degişli edaralarynyň arasynda Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama baglaşmaga degişli duşuşyklara başlamak | Türkiýäniň Magaryf fondunyň Türkmenistanda bilim bermäge degişli işlere başlap bilmegi babatynda Ähtnama boýunça degişli duşuşyklara 2022-nji ýylda başlamaly. | 2022-nji ýyl | Türkiýäniň Magaryf fondy | Bilim ministrligi |
| 50. | Mugallymlary alyşmak we ylmy hyzmatdaşlygy höweslendirmek | Mugallymlary alyşmak we ylmy hyzmatdaşlyk boýunça halkara taslamalarynyň çäginde hyzmatdaşlyk etmeli. | 2022-nji ýyl | Ýokary okuw edarasy (YÖK) | Bilim ministrligi |
| | | **Saglyk** | | | |
| 51. | Sanjym şahadatnamalarynyň özara ykrar edilmegi | Sanjym şahadatnamalarynyň özara ykrar edilmegine degişli işleri tamamlamaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Saglyk ministrligi | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| **Sport** | | | | | |
| 52. | Dopinge garşy göreşmek meselesinde maglumat we tejribe alyşmak babatda hyzmatdaşlygy üpjün etmek | Doping gözegçiligini Bütindünýä Dopinge garşy göreş düzgünlerine we halkara ülňülerine laýyklykda alyp barmak meselesinde Türkmenistanyň Dopinge garşy göreşmek milli agentliginde akkreditasiýa ediljek Doping gözegçileri üçin amaly we tejribe okuwlaryny geçirmeli.<br>Milli dopinge garşy göreş baradaky kanunçylygy we anti-doping kadalary we düzgünleri kämilleşdirmek barada maglumat alyşmak maksatly duşuşygy geçirmeli.<br>Dopinge garşy göreşmek boýunça okuw maksatnamasyny (okuw meýilnamasyny we maksatnamalaryny düzmek we ýerine ýetirmek) durmuşa geçirmeli.<br>Derňew, ýerine ýetiriş we maglumat jemlemek usullary bilen netijeleri seljermek babatda maglumat alyşmak duşuşygyny geçirmeli.<br>Terapewtiki bejerişe rugsat almagyň aýratyn ýagdaýlaryny dolandyryş boýunça meýilnamany pugtalandyrmak, düzüminde gadagan edilen maddalar bolan dermanlary satmak we ulanmak meýilnamasy boýunça duşuşygy geçirmeli. | 2022-nji ýyl | Türkiýäniň Dopinge garşy göreşmek komiteti | Türkmenistanyň Dopinge garşy göreşmek milli agentligi |



5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 53. | Doping gözegçilik meýilnamasyny ösdürmek meselesinde hyzmatdaşlygy üpjün etmek | Doping gözegçilik ugrunyň düzgünleşdirilişi, ýerine ýetirilişi, doping gözegçilik boýunça hünärmenleriň ýetişdirilmegi babatda Doping gözegçilik meýilnamasyny ösdürmek duşuşygyny geçirmeli.<br>Biologik profiller we maksada laýyk doping gözegçilik arkaly Doping gözegçilik meýilnamalarynyň ösdürilmegi üçin biologik pasportlar ugry boýunça duşuşygy geçirmeli.<br>Türkmen türgenlerinden meýilnama laýyklykda alynýan doping test barlaglaryny yzygiderli barlagdan geçirmek maksady bilen, Bütindünýä Anti-doping agentligi tarapyndan akkreditirlenen Türkiýäniň Ankara şäherinde ýerleşýän Türkiýäniň Dopinge garşy göreşmek komiteti bilen Türkmenistanyň Dopinge garşy göreş baradaky milli agentliginiň arasynda şertnama baglaşylmak boýunça işleri geçirmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Türkiýäniň Dopinge garşy göreşmek komiteti | Türkmenistanyň Dopinge garşy göreşmek milli agentligi |
| 54. | Adaty sport görnüşleri boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek | 2022-nji ýylda Türkiýede geçirilmegi meýilleşdirilýän Bütindünýä Çarwadarlaryň Oýunlaryna türkmen tarapyny çagyrmaly. | 2022-nji ýyl | Ýaşlar we sport ministrligi | Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi |
| 55. | Adaty sport görnüşleri boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek | Ahalteke atlaryny Türkiýede tanatmak we Türkiýede geçirilýän adaty oýunlarda bu atlaryň çykyşyny guramak maksady bilen hyzmatdaşlyk etmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Ýaşlar we sport ministrligi | “Türkmen atlary” döwlet birleşigi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 56. | Sport babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin tehniki hyzmatdaşlyk baradaky Teswirnama gol çekmek | Iki ýurduň arasynda dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmek, şol bir wagtyň özünde türgenleri tehniki taýdan kämilleşdirmek hem-de türgenlere tejribe gazandyrmak maksady bilen, tälimçileri alyşmak, bilelikdäki ýygyndylary guramak, iki ýurduň arasynda desgalary ulanmak, tejribe alyşmak we beýleki meseleleri öz içine alýan Hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Teswirnama gol çekişmeli. | 2022-2023-nji ýyllar | Ýaşlar we sport ministrligi | Spor we ýaşlar syýasaty baradaky ministrligi |
| **Medeniýet we ynasanperwer ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek** | | | | | |
| 57. | Syýahatçylyk pudagynda hyzmatyň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, myhmanhana ulgamynyň hünärmenleri üçin tejribe alyş saparlaryny guramak babatda hyzmatdaşlyk etmek | Türkmenistanda işleýän myhmanhana we jemgyýetçilik iýmiti ulgamynda işleýän işgärleriň hünär derejesini we bilimini ýokarlandyrmak maksady bilen bu ugurlarda tejribe alyşmaly. Bu maksat bilen iki tarapyň hünärmenleriniň iş saparlaryny guramaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Degişli häkimlikler we pudak edaralary |
| 58. | Halkara teatr festiwallaryna iki ýurduň teatrlarynyň gatnaşmaklaryny üpjün etmek. | Iki ýurtda geçiriljek teatr festiwallaryna iki ýurdyň teatrlaryny çagyrmaly. | 2022-2023-nji ýyllar | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Medeniýet ministrligi |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 59. | Iki ýurtda bilelikde kinofilm önümçiliginiň we kinofilmleriň görkezişleriniň guralmagyna degişli goldaw berilmegi, şeýle hem kinematografiýa boýunça bilelikde kinofilm önümçiligi meselesinde hyzmatdaşlyk etmek. | Taraplaryň arhiwlerindäki filmleri özara görkezmek meselesini öwrenmeli hem-de Türkiýe bilen Türkmenistanyň bilelikde film we teleýaýlym seriallaryny surata düşürmekleri üçin "Türkiýe Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda audio-wideo hyzmatlarynyň bilelikdäki produksiýasy baradaky Ylalaşyga" degişli gepleşikleri tizleşdirmeli. | 2022-nji ýyllar | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Telewideniýe, radiogeple-şikler we kinematogra-fiýa baradaky döwlet komiteti |
| 60. | Syýahatçylyk we tanyşdyryş ulgamynda özara hyzmatdaşlygy ösdürmek. | Iki ýurduň arasynda özara tanyşdyryş maslahatlaryny geçirmek (workshop) we tanyşdyrmak maksady bilen syýahatlary guramaly.<br>Iki ýurtda syýahatçylyk ulgamy boýunça geçirilýän sergilere işjeň gatnaşmaly.<br>Türkmenistanda geçiriljek «Syýahatçylyk we gezelenç» atly halkara sergisine we maslahatyna Türkiýäniň syýahatçylyk kompaniýalarynyň gatnaşmaklaryny üpjün etmeli.<br>Iki ýurduň syýahatçylyk ulgamy boýunça tejribe alyşmak maksady bilen, hünärmenleriň saparlaryny guramaly.<br>Iki ýurdyň arasynda syýahatçylyk boýunça, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, kinofilm işgärleri, syýahatçylyk operatorlary üçin saparlary guramaly. | 2023-nji ýyl | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, degişli pudak edaralary |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 61. | "Türkiýäniň medeniýetiniň, sungatynyň we edebiýatynyň ýaýbaňlanmagyny goldamak boýunça meýilnamasyny" öwrenmek. | Taraplar, öz edebiýatynyň we medeniýetiniň özara tanyşdyrmalaryny we öwrenilmegini ösdürmek maksady bilen, öz döreden çeper eserlerini başga ýurtlaryň dillerine terjime edilmegini we şol dilde neşir edilmegini makullaýan we terjimäni goldaýan meýilnamalary özara alyşarlar. | 2023-nji ýyl | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Türkmen döwlet neşirýat gullugy |
| 62. | Iki ýurduň kitaphanalarynyň arasynda Ähtnama gol çekişmek | Iki döwletiň kitaphanalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça Ähtnama gol çekişmek meselesi Türkiýe tarapyndan teklip edildi. Bu teklip Türkmen tarapyndan öwreniler. Şu maksat bilen resminamanyň taslamasy Türkiýe tarapyndan Türkmen tarapyna iberiler. | 2023-nji ýyl | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Medeniýet ministrligi |
| 63. | Iki ýurduň edebiýat we metbugat pudagy boýunça hyzmatdaşlygyny goldamak | Iki ýurduň edebiýat we metbugat pudagynyň hyzmatdaşlygyny ýokarlandyrmak üçin özara kitap sergilerini geçirmeli we halkara simpozium, panel we edebiýat festiwallaryna habarçylaryň we metbugat işgärleriniň gatnaşmagyny üpjün etmeli | 2023-nji ýyl | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Medeniýet ministrligi, Türkmen döwlet neşirýat gullugy |
| 64. | Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet günlerini geçirmek we onuň çäklerinde Türkiýäniň kino günlerini guramak | 2023-nji ýylda Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet günlerini guramaçylykly geçirmek boýunça degişli işleri amala aşyrmaly, şeýle hem onuň çäklerinde Kino günleri bilen bagly guramaçylyk işleri boýunça maslahatlaşyp, görkeziljek kinolaryň sanawyny ylalaşmaly. | 2023-nji ýyl | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Medeniýet ministrligi, Telewideniýe, radiogeple-şikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 65. | Medeniýet ulgamynda ulanylýan maglumatlar we sanly tehlonogiýalar boýunça hyzmatdaşlyk etmek mümkinçiliklerini öwrenmek we bu ugurda degişli hünärmenleriň alşylmagyny ýola goýmak | Medeniýet ulgamynda ulanylýan maglumatlar we sanly tehlonogiýalar boýunça hyzmatdaşlyk etmek bilen bagly meseläni öwrenmek üçin iki ýurduň degişli hünärmenleriniň iş duşuşygyny guramaly. | 2023-nji ýyl | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Medeniýet ministrligi |
| 66. | Golýazmalaryň gorap saklanylmagy, rejelenmegi, hünärmenleri ýetişdirmek we sanly ulgama salmak ugurlarynda hyzmatdaşlyk etmek | Taraplaryň arasynda ýazylan eserleri gorap saklamak, rejelemek, hünärmenleri ýetişdirmek we eserleri sanly ulgama salmak babatynda hyzmatdaşlyk etmeli. | 2023-nji ýyl | Medeniýet we syýahatçylyk ministrligi | Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýaz-malar instituty |
| **Zähmet we durmuş üpjünçiligi, konsullyk işleri, logistika** | | | | | |
| 67. | Iki ýurduň raýatlaryna işewürlik wizalarynyň we iş rugsatnamalarynyň berilmeginiň deňleşdirilmegini öwrenmek.<br>Türkiýäniň raýaty bolup duryan ýük ulagynyň sürüjileri üçin wiza ýeňilliginiň üpjün edilmegini öwrenmek | Iki ýurduň raýatlaryna berilýän iş rugsatnamalarynyň şertlerinde, möhletlerinde we tölеglerinde hem-de iki ýurduň işewürleriniň wiza we iş rugsatnamasynyň şertlerinde meňzeşligi üpjün etmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlamak maksady bilen, taraplaryň arasynda 2022-nji ýylyň ikinji ýarymynda duşuşyk geçiriler. | 2022-nji ýyl | Maşgala, zähmet we durmuş üpjünçiligi ministrligi, Daşary işler ministrligi, Hazyna we maliýe ministrligi, Migrasiýa edarasy boýunça baş müdirlik, Ulag we infrastruktura ministrligi | Daşary işler ministrligi, Döwlet migrasiýa gullugy, Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Merkezi banky |



5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tlm.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| | | Taraplar, Türkmenistana ýa-da Türkmenistanyň üsti bilen başga ýurtlara ýa-da başga ýurtlardan Türkmenistana ýük gatnadýan Türkiýäniň raýaty bolup durýan ýük ulagynyň sürüjileri üçin wiza töleglerini arzanlatmak, bir ýyllyk köp gezekli wiza berilmegi meselesini, şeýle hem beýleki meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin 2022-nji ýylyň dekabr aýynda duşuşyk geçirerler.<br>Türk tarapy, Hazar deňiziniň üsti bilen Ro-Ro gämileri arkaly gelýän ýük ulagynyň sürüjilerine üpjün edilýän wiza ýeňilligini Türkiýede ýerleşýän firmalara habar berer. | | | |
| | | **Işgärler üpjünçiligi** | | | |
| 68. | Hyzmatdaşlygyň binýadyny döretmek barada özara düşünişmek Memorandumyna gol çekişmek | Taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasyny düzýän Özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekiler. | 2022-2023-nji ýyllar | Prezidentiň işgärler bölümi | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy |
| 69. | Döwlet gullukçylaryny okatmagyň usuly we amaly boýunça wideoaragatnaşyk arkalay ýygnaklary guramak. | Iki ýurtda döwlet gullukçylary taýýarlamak we ösdürmek üçin ulanylýan usullar we gurallar barada jikme-jik maglumat paýlaşmak üçin wideoaragatnaşyk arkalay ýygnaklar geçiriler. | 2022-2023-nji ýyllar | Prezidentiň işgärler bölümi | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy |

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

22.07.2022 / 11.084

| T/b | Çäräniň ady | Geçirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär edaralar | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Türk tarapyndan | Türkmen tarapyndan |
| 70. | Döwlet gullukçylaryny taýýarlamakda innowasiýa okuw maksatnamalaryny durmuşa geçirmek | Döwlet gullukçylaryny taýýarlamak işini has netijeli alyp barmak üçin bilelikde meýilleşdirilip bilinjek okuw we ösüş çäreleri barada taraplaryň arasynda wideoaragatnaşyk arkalay duşuşyklar we iş saparlary geçiriler. | 2022-2023-nji ýyllar | Prezidentiň işgärler bölümi | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy |
| 71. | Häzirki tejribeleri paýlaşmak üçin tehniki saparlary guramak. | Döwlet gullukçylaryny taýýarlamakda häzirkizaman çemeleşmeler barada maglumat paýlaşmak üçin taraplaryň arasynda okuw saparlary guralar. | 2022-2023-nji ýyllar | Prezidentiň işgärler bölümi | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy |
| 72. | Tejribe alyşmak we iş ýerinde okuw üçin gysga möhletli iş saparlary. | Iki ýurduň döwlet gullukçylarynyň tejribesini we bilimlerini artdyrmak maksady bilen gysga möhletli, özara tejribe we iş saparlary geçiriler. | 2022-2023-nji ýyllar | Prezidentiň işgärler bölümi | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy |



5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.